THE ASHGABAT TIMES

# Türkmenistanyň halk suratkeşi Öwezmuhammet Mämmetnurowyň 70 ýaşy Türkmenistanyň Şekillendiriş sungaty muzeýinde bellenildi

Türkmenistanyň Medeniýet ministrliginiň Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky Şekillendiriş sungaty muzeýinde Türkmenistanyň halk suratkeşi Öwezmuhammet Mämmetnurowyň 70 ýaşynyň dolmagy mynasybetli «Döredijilik pursatlary» atly nakgaşçylyk we grafiki eserleriniň sergisi guraldy.

Sergide nakgaşyň soňky ýyllarda dürli usullarda döreden köp sanly işleri görkezilýär. Her surat döredijilik gözleginiň netijesidir, olar ozaldan gelýän ýörelgelerdir häzirki zaman sungat ugurlaryny sazlaşdyrýan özboluşly usul döretmegi başaran awtoryň çuňňur durmuş tejribelerini görkezýär. Mundan başga-da sergide Türkmenistanyň taryhy ýadygärliklerini we ýurdumyzyň ajaýyp şahsyýetlerini, şeýle hem medeni mirasyň beýleki möhüm ugurlaryny şekillendirýän köp sanly suratlar bar.

Serginiň açylyşynda Türkmenistanyň Gahrymany, Türkmenistanyň halk suratkeşi, Türkmenistanyň hormatly il ýaşulysy Saragt Babaýew, Türkmenistanyň Gahrymany, şahyr Gözel Şagulyýewa, Türkmenistanyň Gahrymany, Türkmenistanyň ÝUNESKO-nyň işleri baradaky Milli toparynyň jogapkär sekretary Çynar Rüstemowa we ýurdumyzyň beýleki köp sanly medeniýet işgärleri gutlag sözleri bilen çykyş etdiler.

Türkmenistanyň Döwlet çeperçilik akademiýasynyň ýanyndaky Türkmen döwlet ýörite çeperçilik mekdebiniň uçurymy Öwezmuhammet Mämmetnurow tanymal türkmen ussatlaryndan sapak aldy, Harkowyň çeperçilik-senagat institutynda bilimini dowam etdirip, şekillendiriş sungaty baradaky bilimini giňeltdi. Türkmenistanyň halk suratkeşi, Türkmenistanyň Dizaýnerler birleşiginiň başlygy, taryh ylymlarynyň kandidaty Öwezmuhammet Mämmetnurow ýaşlara milli däp-dessurlaryň gymmatlyklaryny öwredip, ýaş nesli ruhlandyryp gelýär.

Onuň döredijiligi, medeni şahsyýeti kemala getirmekde, asly köklere çuňňur düşünmäge we hormat goýmaga sungatyň güýjüniň janly mysaly bolup hyzmat edýär.

**Serdar ÇARYÝEW**
**Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň talyby**

Все права защищены

22.11.2024